**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
# БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
# BANKING BULLETIN

**2024-nji ýylyň 1-nji noýabr ýagdaýyna**
на 1 ноября 2024 года
November 1, 2024

**Aşgabat 2024**

# Mazmuny / Содержание


## HABARLAR / НОВОСТИ /NEWS

GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINE WE ÄHLI HALKYNA
3

GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORMATLY SERDAR BERDIMUHAMEDOWA TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ÝÜZLENMESI
5

TÜRKMENISTANYŇ MILLI PULY — MANADYŇ DOLANYŞYGA GIRIZILMEGINIŇ 31 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANYP YLMY-AMALY MASLAHAT GEÇIRILDI
7

BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA «MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ HÄZIRKI ZAMAN ÖZGERTMELERI» ATLY ZEHIN BÄSLEŞIGI GEÇIRILDI
9

## SELJERIŞ MAKALALARY / АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ

MANADYŇ YKDYSADY ÖSÜŞDÄKI ORNY
11

TÜRKMENISTANDA SANLY BANK HYZMATLARYŇ ULGAMY
15

BANKYŇ DÖWREBAP HYZMATLARY
17

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
22

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
24

# GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINE WE ÄHLI HALKYNA

**Eziz watandaşlar!**

**Hormatly bank ulgamynyň işgärleri!**

Sizi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ykdysady ösüşleriniň we ajaýyp üstünlikleriniň aýdyň nyşany bolan Türkmenistanyň milli pul birliginiň - manadymyzyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn!

Milli manadymyzyň dolanyşyga girizilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň sazlaşykly ösmegi, kadaly pul dolanyşygynyň we ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatynyň netijeli alnyp barylmagy üçin zerur bolan amatly şertleri döretdi. Pul-karz syýasatynyň strategik ugurlary pul dolanşygynyň durnuklylygyny, durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekden, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmakdan, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmakdan, bank ulgamynyň halkara maliýe bazarlaryna utgaşykly goşulyşmagy üçin amatly makroykdysady şertleri döretmekden ybaratdyr. Bu baş maksada ýetmekde bazar ykdysadyýetiniň wajyp düzüm bölegi bolan bank ulgamynyň ähmiýeti örän uludyr.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm ugry bolan bank ulgamy çalt depginler bilen ösýän ulgamlaryň birine öwrüldi. Ulgama sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmagyň, töwekgelçilikleri we maýalary dolandyrmagyň netijeli usullaryny ýokarlandyrmagyň, korporatiw dolandyryş ulgamyny ösdürmegiň, işewürlik ýagdaýlaryny kämilleşdirmegiň, bankyň girdejisini we düşewüntliligini artdyrmagyň esasynda durnukly ösüşi üpjün etmek geljek üçin möhüm wezipeleriň biridir. Kabul edilýän milli maksatnamalarymyzyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi halkara derejede-de öz aýdyň beýanyny tapýar. Ata Watanymyzyň durnukly ykdysady ösüşine halkara guramalar tarapyndan oňyn baha berilýär.

**Hormatly bank ulgamynyň işgärleri!**

Häzirki döwürde ýurdumyzda bank işini kadalaşdyrýan kanunçylyk namalaryny halkara ölçeglere laýyk getirmek boýunça netijeli işler dowam etdirilýär. Döwrüň talaplary esasynda bank hyzmatlary hem kämilleşýär. Hasaplaşyklary, serişdeleriň dolanyşygyny çaltlandyrmak, howpsuz, tölegleri çalt geçirýän galtaşyksyz tehnologiýalary ulanýan döwrebap hyzmatlary ornaşdyrmak maksady bilen, elektron tölegler ulgamynyň gerimi giňeldilýär.

Ulgama sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly has köp zähmeti talap edýän işler awtomatlaşdyrylyp, maliýe we ykdysadyýet ulgamynyň işiniň tizligi artdyrylýar, edilýän hyzmatlaryň gerimi giňeldilýär, netijeliligi, hili gowulandyrylýar. Şeýle hem milli manadymyzyň ykdysadyýetde dolanyşygy kämilleşýär, tiz pul dolanyşygynyň bolmagy esasynda ykdysadyýetde täze önümçilikleriň sany artýar. Ilatyň maliýe sowatlylygyny ýokarlandyrmak ugrunda netijeli işler alnyp barylýar. Bank ulgamynyň işgärleriniň hünär derejeleri yzygiderli kämilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň ygtyýarly karz edaralary tarapyndan Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmek babatda kabul edilen maksatnamalary durmuşa geçirmek bilen bagly maýa goýum taslamalary uzak we orta möhlete çekilen serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirilýär. Bu işlere daşary ýurt maliýe guramalary işjeň çekilýär. Ata Watanymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek, jemi içerki önümiň jan başyna düşýän möçberi babatda Türkmenistan dünýäde ýokary girdejili ýurtlaryň ortaça derejesine ýetdi. Bu bolsa amala aşyrylýan pul-karz, salgyt, býujet, nyrh emele getiriş, maýa goýum syýasatynyň netijelidiginiň anyk görkezijisidir. Bu ugurda

gazylan netijeleri Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky we beýleki abraýly halkara guramalar tassyklaýar.

Biz geljekde-de ýurdumyzyň pul-karz syýasatyny yzygiderli kämilleşdirmäge, milli ykdysadyýetimiziň önümçilik maksatly ugurlaryny ösdürmäge gönükdirilýän karz serişdeleriniň möçberini artdyrmaga, kiçi önümçilikleri höweslendirmäge, ilat üçin karz-maliýe serişdeleriniň möçberini köpeltmäge, karz göterimleriniň mundan beýläk-de elýeterli bolmagyny gazanmaga, bank hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmaga, halkara maliýe guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge, täze innowasion tehnologiýalary giňden ornaşdyrmaga aýratyn üns bereris.

**Eziz watandaşlar!**

**Hormatly bank ulgamynyň işgärleri!**

Sizi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň milli pul birligi bolan manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýaryn. Size berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, asuda we bagtyýar durmuş, berkarar döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmek ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýärin.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Serdar BERDIMUHAMEDOW.**

# GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI HORMATLY SERDAR BERDIMUHAMEDOWA TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ÝÜZLENMESI

**Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti!**

Sizi Türkmenistanyň milli manadynyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň bank ulgamynyň işgärlerine we ähli halkyna iberen çuňňur many-mazmuna ýugrulan Gutlagyňyz üçin Size tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ykdysadyýetiň beýleki pudaklary bilen bir hatarda, ýurdumyzyň bank ulgamynda hem uly üstünlikler gazanylýar, ýeke-täk döwlet pul-karz syýasaty netijeli alnyp barylýar. Siziň çuňňur oýlanyşykly ykdysady syýasatyňyz esasynda «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem bu ugurda ägirt uly işler amala aşyrylýar, öňde goýlan beýik maksatlara ýetilýär.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek, sanly bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bank işiniň dürli ugurlaryny döwrebaplaşdyrmak, nagt däl hasaplaşyklary kämilleşdirmek, sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Overdraft», «Sanly kart», «Sanly karz», «Sanly töleg», «Menzilara bank», «VISA Virtual», «Cash back» höweslendiriş hyzmaty ýaly bank hyzmatlaryny giňden ornaşdyrmakda netijeli işler alnyp barylýar.

Halkara tölegleri amala aşyrmak üçin onlaýn görnüşinde ýüzlenmäge, daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan hem-de ýurdumyzyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi zerur bolan raýatlarymyz üçin milli puly daşary ýurt puluna çalyşmaga, şol sanda halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryny onlaýn görnüşde doldurmaga mümkinçilik berýän sanly töleg ulgamlary işe girizildi. Şeýle hem hödürlenilýän hyzmatlaryň sanyny artdyrmak, internetiň üsti bilen tölegleri geçirmek, bank kartlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek hem-de tölegleri geçirmek bilen bagly töwekgelçilikleri peseltmek maksady bilen Türkmenistanyň Döwlet daşary ykdysady iş banky tarapyndan «VISA Virtual» bank karty ulanyşa girizildi. Milli karz edaralarynyň işini kämilleşdirmek, erkin pul serişdelerini netijeli dolanyşyga çekmek, ulgama sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak, hasaplaşyklaryň döwrebap we ygtybarly usullaryny ösdürmek, ulgamlaýyn innowasion ösüşi üpjün etmek boýunça uly üstünlikler gazanylýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň işi yzygiderli kämilleşdirilýär, raýatlara hödürlenilýän hyzmatlar ulgamyna dünýä tejribesini, öňdebaryjy usullary we täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hilini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen, banklaryň täze, häzirki zaman binalary gurulýar, maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli pugtalandyrylýar. Siziň ak pata bermegiňizde geçen ýylyň iýunynda Köpetdagyň eteginde bina edilen, döwrüň iň ýokary ýaşaýyş

medeniýetini üpjün etmäge hyzmat etjek we durmuşyň ähli ugurlaryny gurşap alýan binalardyr desgalaryň hatarynda Arkadag şäheriniň Merkezi banky, Arkadag şäheriniň «Daýhanbank», «Türkmenistan» döwlet täjirçilik hem-de «Halkbank», «Senagat» paýdarlar täjirçilik banklary täze şäheriň bank ulgamyny emele getirýär. Munuň özi Siziň ýurdumyzyň bank ulgamynyň has-da netijeli işlemegi babatda edýän tagallalaryňyzyň aýdyň beýanydyr.

**Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň uzak möhletleýin durnukly ösüşini üpjün etmekde ykdysadyýetiň maliýe böleginiň we pul-karz syýasatynyň kämilleşdirilmegi, milli puluň hümmetiniň berkidilmegi möhüm ähmiýete eýedir. «Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna», «Türkmenistanda 2019–2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda, bank ulgamyny ösdürmek, bank işjeňliginiň kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny döwrebaplaşdyrmak, sanly bank hyzmatlarynyň görnüşlerini giňeltmek we hilini has-da ýokarlandyrmak babatda maksatnamalaýyn işler alnyp barylýar. Ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berilýän ýeňillikli karzlaryň, sarp ediş karzlarynyň, ýaş maşgalalara olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak üçin berilýän ýeňillikli karzlaryň möçberini yzygiderli artdyrmak, töleg ulgamyny kämilleşdirmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär.

**Belent mertebeli Prezidentimiz!**

Türkmenistanyň bank ulgamynyň işgärleriniň netijeli işlemegi üçin döredýän ähli şertleriňiz hem-de mähirli Gutlagyňyz üçin Size ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden sagbolsun aýdýarys. Türkmenistanyň halkara maliýe derejesini pugtalandyrmak we abraýyny ýokarlandyrmak, bank ulgamynyň innowasion häsiýetli ösüşini üpjün etmek, halkara maliýe guramalary, sebitleýin ösüş banklary bilen hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek, ykdysady taýdan ähmiýetli pudaklary karzlaşdyrmagy kämilleşdirmek maksady bilen, Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Aziýanyň Ösüş banky, Yslam ösüş banky, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky ýaly abraýly halkara maliýe guramalary hem-de «Fitch Ratings» halkara reýting agentligi bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri üstünlikli amala aşyrmakda gujur-gaýratymyzy gaýgyrmajakdygymyza ynandyrýarys. Siziň janyňyz sag, ömrüňiz uzak, belent başyňyz aman bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan tutumly işleriňiz mundan beýläk-de rowaç bolsun!

Sizi çuňňur hormatlamak bilen,

**Türkmenistanyň bank ulgamynyň işgärleri.**

# TÜRKMENISTANYŇ MILLI PULY — MANADYŇ DOLANYŞYGA GIRIZILMEGINIŇ 31 ÝYLLYGYNA BAGYŞLANYP YLMY-AMALY MASLAHAT GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynda türkmen manadynyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygyna bagyşlanan «Türkmen manady ýurdumyzyň durnukly ösüşiniň nyşanydyr» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Oňa döwlet hem-de paýdarlar täjirçilik banklarynyň, maliýe-ykdysadyýet toplumynyň ýolbaşçylary we hünärmenleri, ugurdaş ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyplar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar. Maslahatyň gün tertibine milli manadyň dolanyşyga girizilmegi netijesinde ýurdumyzda gazanylýan ykdysady üstünlikler, milli pul-karz syýasatynyň durmuşa geçirilişi, bank ulgamyna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy arkaly döwrebap bank hyzmatlarynyň ýola goýulmagy, elektron tölegler ulgamynyň kämilleşdirilmegi, halkara maliýe düzümleri bilen hyzmatdaşlyk ýaly meseleler girizildi.

Hormatly Prezidentimiziň şanly sene mynasybetli bank işgärlerine iberen Gutlagynda milli manadymyzyň dolanyşyga girizilmeginiň ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösmegi, kadaly pul dolanyşygynyň we ýeke-täk döwlet pul-karz syýasatynyň netijeli alnyp barylmagy üçin zerur bolan amatly şertleri döredendigi bellenilýär. Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, pul-karz syýasatynyň strategik ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny, durnukly ykdysady ösüşi üpjün etmekden, ilatyň maddy hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmakdan, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmakdan, bank ulgamynyň halkara maliýe bazarlaryna utgaşykly goşulyşmagy üçin amatly makroykdysady şertleri döretmekden ybaratdyr.



Häzirki wagtda Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmäge gönükdirilen, orta we uzak möhletlere niýetlenen toplumlaýyn milli maksatnamalar — «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 - 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 - 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasy», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy», «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär.













Bank ulgamyny kämilleşdir- mek boýunça döwlet maksatna-
masynda kesgitlenen çäreleriň çäklerinde bank amallarynyň
täze görnüşlerini girizmek we innowasion tehnologiýalary or-
naşdyrmak, telekeçilik işleriniň dolandyrylyşyny kämilleşdir-
mek, ipoteka karzlaşdyrylyşyny ösdürmek, banklaryň maliýe
hasabatlylygyny halkara stan- dartlaryň derejesine çykarmak,
ulgamyň işgärleriniň hünär de rejesini ýokarlandyrmak
boýunça anyk çäreler görülýär. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda
maýa goýum işjeňligini ýokar- landyrmak, daşary döwletleriň
we türkmen telekeçileriniň maýa goýumlaryny çekmek
üçin amatly şertleri döretmek, möhüm, strategik ähmiýetli
iri taslamalary amala aşyrmak maksady bilen, ýaşaýyş-jaý
karzlarynyň möçberini artdyr- mak ykdysady ösüşiň möhüm
ugurlarynyň biri bolup durýar.

Daşary ýurtlar bilen maliýe borçnamalaryny öz wagtynda
ýerine ýetirmek ýurdumyz- da maýa goýum syýasatynyň
netijeli häsiýete eýediginiň es- asy görkezijileriniň biri bolup
durýar. Şunuň bilen baglylyk- da, Türkmenistan maýa goýum
mümkinçiliklerini üstünlikli durmuşa geçirmek boýunça ha-
lkara söwda hyzmatdaşlygynyň giňeldilmegine, birek-birege hor-
mat goýmak, deňhukuklylyk, ynanyşmak ýörelgeleri esasynda
ýola goýulýan gatnaşyklaryň ös- dürilmegine örän jogapkärçilikli
çemeleşýär. Gahryman Arkada- gymyz tarapyndan bu ulgamda
öňe sürlen başlangyçlar häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz
tarapyndan üstünlikli durmuşa geçirilýär. Maýa goýum işini
kämilleşdirmek üçin ähli zerur şertler döredilýär. Türkmenis-
tanyň maliýe-bank ulgamynda gazanýan üstünlikleriniň abraýly
maliýe edaralary tarapyndan birnäçe gezek tassyklanandy-
gyny nygtamak gerek.

Maslahata gatnaşyjylar ne- tijeli dialogyň, ykdysady ul-
gamda ikitaraplaýyn gatnaşyk- laryň täze ýollaryny gözleme-
giň Türkmenistanyň halkara giňişlikde gyzyklanma bildirýän
ähli hyzmatdaşlar, şol sanda iri maliýe düzümleri bilen özara
bähbiti gatnaşyklarynyň esasy bolup durýandygyny bellediler.
Bank ulgamy üçin hünärmen- leri taýýarlamak maksady bilen, ýaşlara döwrebap bilim bermek we geljekki ykdysatçylary ýetişdirmek babatda-da ähli mümkinçilikler döredilýär. Maslahata gatnaşyjylar bu ulgamyň işgärleriniň öňünde durýan wezipeler barada aýtmak bilen, türkmen manadynyň töleg serişdesi hökmünde işjeň dolanyşygyny üpjün etmegiň, iri dünýä banklarynyň tejribesini özleşdirmegiň, maliýe ulgamynda halkara dolandyryş usullaryny ornaşdyrmagyň aýratyn ähmiýete eýedigini bellediler. Ylmy-amaly maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul edip, öňde goýlan wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin geljekde-de yhlasly zähmet çekjekdiklerine ynandyrdylar.

Şanly sene mynasybetli «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň eýwanynda sergi guraldy. Onda Garaşsyzlyk ýyllarynda gymmat bahaly metallardan ýasalan ýadygärlik teňňeler, milli şaý-sepler görkezildi.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

# BANK ULGAMYNYŇ IŞGÄRLERINIŇ ARASYNDA «MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ HÄZIRKI ZAMAN ÖZGERTMELERI»ATLY ZEHIN BÄSLEŞIGI GEÇIRILDI

2024-nji ýylyň 28-nji oktýabrynda paýtagtymyzyň «Gülzaman» toý mekanynda Türkmenistanyň milli puly - manadyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy mynasybetli bank ulgamynyň işgärleriniň arasynda «Milli ykdysadyýetimiziň häzirki zaman özgertmeleri» atly zehin bäsleşigi tapgyry geçirildi.

Geçirilen bäsleşigiň maksady bank işgärleriniň hünär taýdan taýýarlyklaryny, akyl başarnyklaryny ýokarlandyrmak hem-de zehinlileri öňe çykarmak we höweslendirmek bolup durýar.









Bäsleşik iki tapgyrda geçirildi. Birinji tapgyrda şu ýylyň oktýabr aýynyň 1-15-nji seneleri aralygynda Arkadag şäherinde hem-de Ahal, Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda geçirilen bäsleşiklerde 1-nji orna mynasyp bolan toparlar öz aralarynda öňdebaryjy orunlar üçin bäsleşdiler.

Oňa gatnaşanlar Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan içeri we daşary syýasaty netijesinde milli ykdysadyýetimiziň häzirki zaman özgertmeleri, ykdysadyýet, maliýe we bank ulgamynda degişli kabul edilen maksatnamalar, kadalaşdyryjy hukuknamalara laýyklykda alnyp barylýan işler barada aýratyn bellenildi. Çekeleşikli geçen bäsleşigiň netijesinde 1-nji orna Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik bankynyň Ak bugdaý şahamçasy, 2-nji orna Arkadag şäheriniň Merkezi banky, Türkmenistanyň «Senagat» paýdarlar täjirçilik bankynyň Balkan welaýatyndaky şahamçasy mynasyp boldy.









Ikinji tapgyr ýurdumyzyň bank ulgamynyň Aşgabat şäherinde ýerleşýän merkezi edaralarynyň arasynda geçirildi. Onda 1-nji orny Türkmen-türk paýdarlar täjirçilik banky, 2-nji orny Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky, 3-nji orny bolsa Türkmenistanyň Merkezi banky eýeledi. Ýeňiji bolanlara bäsleşigiň gymmatbahaly sowgatlary gowşuryldy.

**TMB-niň Ylmy-önümçilik geňeşi**

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MANADYŇ YKDYSADY ÖSÜŞDÄKI ORNY

Milli ykdysadyýetimiziň bazar gatnaşyklaryna yzygiderli we tapgyrlaýyn esasda geçirilip, şunda, öňi bilen, ähli gurallaryň, aýratynda, maliýe-salgyt, pul-karz, baha, maýa goýum syýasatynyň has işjeň häsiýete eýe bolmagy döwrüň talaby hökmünde öňe çykýar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bu barada: «Ähli ösüşleriň badalgasy bolan maýa goýum işjeňligini artdyrmak, milli maliýe ulgamynyň işini dünýä standartlarynyň talabyna görä ösdürmek, daşary ýurt hemde milli maýa goýum mümkinçiliklerini ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň iň möhüm pudaklaryna gönükdirmek baradaky tagallalary ýokarlandyrmagy ösüşiň täze tapgyrynyň zerurlygy hasap edýärin» diýip belleýär.

Hakykatdan hem, hormatly Prezidentimiziň adalatly belleýşi ýaly ösüşiň täze döwründe ykdysady syýasaty we onuň düzüm bölegi bolan maliýe pul-karz we maýa goýum syýasatyny dünýäniň ösen döwletleriniň baý tejribesini öwrenip, milli ösüş aýratynlyklarymyzy göz öňünde tutup ösdürmeli we kämilleşdirmeli. Sebäbi, ýokary netijeli, döwrebap ykdysady syýasatyň işlenip düzülmegi ähli gurallaryň işjeňlik derejesini ýokarlandyrmak bilen, milli pulumyzyň hümmetine özüniň oňaýly täsirini ýetirer we beýleki makroykdysady görkezijileriň ösüşini üpjün eder.

Ykdysady gurallaryň arasynda biziň milli buýsanjymyz bolan manada aýratyn orun degişlidir. Şonuň üçin hem 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Türkmenistanyň pul birligi bolan manadyň dolanyşyga girizilmegi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Sebäbi milli pulumyzyň dolanyşyga girizilmegi bilen, ýurdumyz diňe bir özüniň syýasy garaşsyzlygyna eýe bolman, sözüň doly manysynda ykdysady garaşsyzlygyny hem gazandy. Manat ykdysady ösüşe has güýçli täsir edýän ykjam guraldyr. Şondan ugur alyp manadyň ýurtda hereket edýän kada-kanuna laýyklykda dolanyşygyny ýola goýmaklygyň hemişe üns merkezinde bolmagy möhümdir. Aýratynam, manadyň hümmetiniň, onuň satyn alyp bilijilik ukybynyň ýokary bolmagy bilen bagly meseleleriň üstünlikli çözülmegi zerurdyr. Bu meseläniň üstünlikli çözülmegi köp derejede maýa goýum syýasatynyň işjeňligine baglydyr. Şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiz maýa goýum işini hemişe üns merkezinde saklaýar we ýokary netijeli çözgütleri kabul edýär. Munuň aýdyň mysalyny ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlarynyň yzygiderli artyşyndan hem görmek bolýar. Diňe 2024-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýulmagy meýilleşdirilýän maýa goýumlaryň möçberi 38,5 mlrd. manada deň bolar, onuň 67,8 göterimi önümçilige 32,2 göterimi bolsa durmuş ugruna gönükdirilendir. Şeýlelikde, ýurdumyzda ýerli serişdelerden öndürilýän önümleriň mukdary köpeler, hili ýokarlanar, eksport mümkinçiligimiz artar, ilatyň iş üpjünçiligi gowulanar, satyn alyp bilijilik ukyby talabalaýyk getiriler. Munuň özi ahyrky netijede milli pulumyzyň hümmetine oňaýly täsir eder we ýurdumyzyň durnukly ösüşine amatly şert döreder.

Ýurdumyzda alnyp barylýan bitewi pul-karz syýasatynyň netijesinde milli pulumyzyň hümmetiniň durnukly derejede saklanylmagyny gazanmak, ykdysadyýeti pul serişdeleri bilen üpjün etmek, pul dolanyşygynyň netijeliligini ýokarlandyrmak ileri tutulýan ugurlardyr.

Bank ulgamynyň pul-karz düzgünleşdirmesi ýurdumyzyň makroykdysadyýetiniň deňagramlylygynyň möhüm ugruna degişlidir. Soňky ýyllarda ýurdumyzda milli pul birliginiň satyn alyş ukybynyň üpjün edilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetine gönükdirilýän karz serişdeleriniň barha artmagyna getirdi. Munuň özi ykdysadyýetiň binýatlaýyn pudaklaryny ýeterlik möçberde pul serişdeleri bilen öz wagtynda üpjün etmäge oňyn şert döredýär. Bu geçirilýän çäreleriň netijesinde ýurdumyzyň maliýe-ykdysady ýagdaýy has-da gowulanýar, puluň kadaly hereketi ýola goýulýar.

# SELJERIŞ MAKALALARY

Durnukly ykdysady ösüşi, netijeli pul dolanyşygyny häzirki zaman töleg gurallaryny ulanmazdan göz öňüne getirmek mümkin däldir. Sebäbi, kompýuter tehnologiýalarynyň bank ulgamynyň işine işjeň ornaşdyrylmagy netijesinde «elektron pul» dolanyşygy ýola goýulýar, raýatlarymyzyň bank amallaryna we hyzmatlaryna bolan islegleri çalt hem az harajat bilen doly kanagatlandyrylýar. Şonuň üçin hem ýurdumyzyň ähli banklary töleg-hasaplaşyk, karz hyzmatlaryny ýerine ýetirmekde sanly ulgama geçmekligi ýola goýýarlar we gowy netijeler gazanylýar. Bank amallarynyň sanlylaşdyrylmagy banklaryň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna, dünýäniň ösen döwletleriniň banklary bilen köpugurly gatnaşyklary ýola goýmaga we ösdürmäge giň mümkinçilikleri döredýär.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» diýlip atlandyrylan 2024-nji ýylyň 1-nji noýabrynda türkmen manadynyň dolanyşyga girizilmeginiň 31 ýyllygy dabaraly bellenildi. Şu taryhy döwürde milli pulumyzyň ykdysady ösüşdäki ornuny ýokarlandyrmak maksady bilen ýurdumyzda birnäçe döwlet ähmiýetli çäreler geçirildi. Olardan: 2008-nji ýylda milli pulumyzyň daşary ýurt puluna bolan ýeke-täk hümmete geçirilmegi, 2009-njy ýylda manadyň denominasiýasynyň geçirilmegi, 2015-nji ýylda manadyň dewalwasiýasynyň geçirilmegi bilen manadyň ykdysady ösüşdäki orny has hem ýokarlandy, dünýä döwletleri bilen köpugurly işjeň gatnaşyklar ýola goýuldy.

Häzirki wagtda Türkmenistan döwleti dünýäniň 100-den gowrak döwleti bilen söwda hyzmatdaşlygyny alyp barýar. Ýurduň eksport kuwwatynyň yzygiderli artmagy milli jemi içerki önümiň ýokary depginde ösmegine itergi berýär, şunda goşulan gymmaty emele getirýän harytlaryň we hyzmatlaryň paýynyň köpelmegi eksportyň ykdysady netijeliligini has-da ýokarlandyrýar, daşary ýurt pul girdejileriniň möçberini köpeldýär. Şeýlelikde, milli manadymyzyň ykdysady ösüşdäki orny we ähmiýeti has-da ýokarlanýar. Harytlaryň, hyzmatlaryň, maýa goýumlaryň, tehnologiýalaryň, işçi güýjüniň halkara hereketi barha tizleşýär. Milli ykdysadyýeti hemmetaraplaýyn özgertmek ugrunda amala aşyrylýan toplumlaýyn, ulgamlaýyn çäreler ýurdumyzyň dünýä maliýe bazaryna işjeň goşulyşmagyna oňyn şert döredýär.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ilatyň durmuş goraglylygyna berilýän üns has-da ýokarlanýar. Munuň hakykatdan hem şeýledigini her ýylyň 1-nji ýanwaryndan zähmet hakynyň, döwlet kömek pullarynyň, pensiýalaryň, talyp we diňleýjilere tölenilýän tölegleriň 10 göterim ýokarlanmagyndan hem görmek bolýar. Şeýlelikde, bazar ykdysadyýetine geçilýän häzirki döwürde puluň höweslendiriji häsiýeti has-da ýokarlanýar we önümçilik düşewüntli dolandyrylýar.

Aýratyn bellemeli ýagdaý, «Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýrylmagy we döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegidir. Hususy eýeçiligiň ösdürilmegi bilen pul ykdysady ykjam gurala öwrülýär we puluň kömegi bilen önümçiligiň ähli tapgyryna gözegçilik güýçlenýär, zähmet resurslarynyň, maliýe serişdeleriniň, maddy gymmatlyklaryň rejeli, tygşytly we ýokary netijeli ulanylyşy üpjün edilýär. Bu ýene-de bir gezek ösüşiň häzirki döwründe puluň ornunyň we ähmiýetiniň ýokarlanýandygyna şaýatlyk edýär.

Puluň islendik jemgyýetçilik gurluşyndaky orny onuň ýerine ýetirýän wezipeleri bilen kesgitlenilýär. Şondan ugur alyp puluň wezipeleriniň many-mazmunyna dogry düşünip ykdysadyýeti dolandyrmagyň nusgasyna baglylykda ony ösdürmek we kämilleşdirmek zerur bolup durýar. Şeýle çözgüdiň kabul edilmegi pul guralyndan garaşylýan oňyn netijäni berer.

Häzirki wagtda sanlylaşdyrmagyň durnukly ykdysady ösüşiň ileri tutulýan wezipelerini çözmegiň binýady bolup hyzmat edýändigi aýdyň hakykatdyr. Hormatly Prezidentimiziň

parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary, dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň iş tejribesini we täzeçil usullaryny ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek wemümkinçiliklerini artdyrmak, sanly bank hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak,banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» hem-de «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly bank amallarynyň görnüşleri yzygiderli artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.Ýurdumyzda sanly ulgamda «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda», «Halkbank terminal», «Galtaşyksyz töleg», «Visa Virtual», «Menzilara bank», «Sanly kart», «Sanly karz» ýaly hyzmatlar arkaly nagt däl hasaplaşyklary ýerine ýetirmek üçin giň mümkinçilik döredilen.

Sanly bank hyzmatlarynyň geriminiň giňeldilmegi pul bilen bagly harajatlar (emissiýa) kemelýär, nagt däl hasaplaşyklaryň gerimi giňeýär, pul dolanyşygynyň hereketi tizleşýär. Ahyrky netijede bolsa pul aýlanyşygy ýurtda hereket edýän kada-kanuna laýyk getirilýär we onuň jemgyýetdäki orny, ähmiýeti ýokarlanýar, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň has-da gowulanmagyna ähli amatlyklary üpjün edýär.

Raýatlaryň dünýäniň ösen tehnologiýalaryna esaslanýan ygtybarly we amatly şertlerde bank hyzmatlaryndan bökdençsiz peýdalanmagy üçin Türkmenistanyň bank ulgamynda hereket edýän töleg ulgamyny kämilleşdirmek we birnäçe täze töleg-hasaplaşyk gurallaryny hödürlemek boýunça işler döwrebaplaşdyrylýar. Banklarda puluň belli bir bölegi karz görnüşinde hereket edýär. Bankyň karz gatnaşyklarynyň ösdürilmegi öz gezeginde diňe bir pul toplumynyň düzümine oňaýly täsir etmek bilen çäklenmän, eýsem hojalyklaryň işine we ilatyň durmuş meselelerini üstünlikli çözülmegine hem amatly şertleri döredýär.

2024-nji ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan bank müşderilerine milli pulda berlen karzlaryň jemi möçberi 8827,6 million manada deň bolup, bu serişdeleriň 69,7 göterimi edara görnüşli taraplara, 30,3 göterimi raýatlara berilipdir. Möhleti boýunça bu karzlaryň 28,9 göterimi gysga möhletli, 71,1 göterimi bolsa uzak möhletli karzlara degişlidir. Ýokarda getirilen maglumatlar ýene-de bir gezek ähli aýdyňlygy bilen subut edýär, ýagny ýurdumyzda hereket edýän milli pulumyz bolan manat durnukly häsiýete eýedir.

Ykdysady ösüşde puluň ornunyň ýokarlanmagy bank ulgamynda işleýän hünärmenleriniň hünär taýýarlygyna baglydyr. Şondan ugur alyp Türkmenistanyň Merkezi banky dünýäniň ösen döwletleriniň banklary, şeýle hem halkara maliýe guramalary bilen bu mesele barada işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar we gowy netijeler gazanylýar. Dünýäniň ösen döwletleriniň we halkara maliýe-karz guramalarynyň baý tejribesini öwrenmek arkaly degişlilikde ýurdumyzyň bank ulgamyna ornaşdyrmak hem-de bank hünärmenleriniň hünär derejelerini kämilleşdirmek boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar. Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Yslam ösüş banky, Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky ýaly guramalar bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň çägi has-da giňeldildi.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän pul-karz syýasatynyň çäklerinde Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan milli manadyň satyn alyjylyk ukybyny durnukly saklamak, bank hyzmatlaryny giňeltmek we hil taýdan täze,

has ýokary derejä götermek, bank ulgamyna dünýä tejribesiniň öňdebaryjy usullaryny we innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, milli puluň hümmetiniň durnuklylygyny we pul dolanyşygynyň netijeliligini üpjün etmek, täze, has netijeli maliýe gurallaryny işläp düzmek, daşary ykdysady maliýe şertleriniň – bütindünýä maliýe-ykdysady çökgünligiň ýurdumyzyň ykdysadyýetine ýetirýän ýaramaz täsiriniň öňüni almak ýaly köpugurly işler üstünlikli amala aşyrylýar.

Pul-karz syýasatyna degişli çäreleriň üstünlikli amala aşyrylmagy «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», şeýle hem «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022-2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» bellenilen ýokary sepgitlere ýetmekde aýgytlaýjy ähmiýete eýedir.

Pikirimizi jemläp aýtsak, puluň nähili görnüşde hereket edýänine garamazdan onuň ykdysady ösüşdäki orny we ähmiýeti bimöçber ýokarydyr. Şonuň üçin hem ykdysadyýetiň ösüş derejesinden ugur alyp puluň ornuny we ähmiýetini mundan beýläk hem ýokarlandyrmak döwrüň möhüm talaby bolup durýar.

**Baýramdurdy TAÝHAROW,**
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş
institutynyň «Bank işi» kafedrasynyň professory,
ykdysady ylymlaryň kandidaty

# TÜRKMENISTANDA SANLY BANK HYZMATLARYŇ ULGAMY

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» kesgitlenen wezipeleri durmuşa geçirmek, hususan-da, ykdysadyýetiň pudaklaryna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, awtomatlaşdyrylan elektron maglumat binýadyny döretmek, onuň bir bitewi tehniki talapnamalara laýyklykda işlemegini üpjün etmek boýunça toplumlaýyn çäreler alnyp barylýar. Bu ugurda amala aşyrylýan işler pudaklaryň we olaryň garamagyndaky edara-kärhanalaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmaga, resminama dolanyşygyny çaltlandyrmaga, kadalaşdyryjy resminamalaryň elektron binýadyny kämilleşdirmäge, şeýle-de raýatlara, ýuridik şahslara, hususy telekeçilere edilýän hyzmatlaryň hilini gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz innowasiýalary we häzirki zaman tehnologiýalaryny önümçilige ornaşdyrmak arkaly gurluşyk senagatynyň kuwwatyny artdyrmagyň wajypdygy barada aýdyp, tehnologik işläptaýýarlamalaryň kömegi bilen «akylly» şäher we «akylly» öý taslamalaryny üstünlikli durmuşa geçirmegi möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitledi. Şoňa laýyklykda, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berilýän ýeňillikli ipoteka karzlarynyň, sarp ediş maksatly karzlaryň möçberi yzygiderli artdyrylyp, maliýe-bank hyzmatlary kämilleşdirilýär.

Häzir ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklarynyň maddy-enjamlaýyn binýady berkidilýär, olara täze tehnologiýalar, öňdebaryjy tejribeler ornaşdyrylýar. Dördünji senagat öwrülişiginiň başdan geçirilýän döwründe kompýuter we beýleki maglumat tehnologiýalary adamlaryň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrüldi. Şunuň bilen baglylykda, häzirki zaman dünýäsinde maglumat tehnologiýalarynyň ähmiýeti ýylyň-ýylyna ýokarlanýar. Olar adama çylşyrymly meseleleri çözmäge ýardam berýär.

Döwrüň talaplaryna laýyklykda, ýurdumyzda bank hyzmatlary hem ösdürilýär. Milli we dünýä tejribesini öwrenmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak, innowasion ösüşi üpjün etmek Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnukly ösmeginiň baş şerti bolup çykyş edýär. «Sanly kart» — wirtual ýa-da sanlylaşdyrylan bank karty häzirki wagtda ulanylýan adaty kartlar ýalydyr, ýöne ol plastik göterijisiz gurluş bolup durýar. Ol bankyň şahsy otagynda adaty kart ýaly görünýär we rekwizitleri — belgisini, CVC-koduny (şertli bellikler), hereket edýän möhletini, eýesiniň adyny, atasynyň adyny, familiýasyny we töleg ulgamynyň





adyny özünde jemleýär. Sanly bank kartyndaky elektron maglumat «token» diýlip atlandyrylýar. Wirtual kartda ähli amallar internetiň üsti bilen geçirilýär. Eger eýesi esasy bank kartynyň maglumatlaryny girizmek islemese, kart bir gezeklik bolup biler: ol kesgitli çäk (limit) bilen bir gezeklik söwda üçin goýberilýär.

Wirtual bank karty maliýe amallarynyň köpüsini geçirmäge mümkinçilik berýär. Ulanyjy karta islendik hyzmatlary — eltip bermek, taksi, söwda merkezleri bilen bagly hyzmatlary birikdirip bilýär. Elektron kart eýýäm hereket edýän hasaba goşmaça hökmünde plastikany çalyşmak üçin goýberilip bilner. Şeýle ýagdaýda birmeňzeş balans we hasapdan aýyrmagyň, ýagny ol çykdaja geçirmegiň «umumy taryhy» bolýar. Emma käbir banklar sanly karty aýratyn bank hasaby — debete girizilen ýa-da karz pully özbaşdak önüm hökmünde teklip edýärler. Aýratyn bank hasaby bilen wirtual bank kartyny döretmek sarp edilýän pul serişdelerini bölmek, meselem, ony dürli görnüşli hyzmatlara birikdirmek we her aýda anyk pul möçberi arkaly üstüni doldurmak üçin zerurdyr. Eger eýesiniň girdejisi üýtgäp durýan bolsa, ýagny ol iş bilen özbaşdak meşgullanýan ýa-da işewürlik edýän bolsa, wagtly-wagtynda tertipli töleg geçirmek üçin aýratyn karta pul serişdelerini goýup bolýar. Kartyň ulanyş möhleti dolan ýagdaýynda, ol awtomatik ýagdaýda uzaldylýar.

Amatlylygy, peýdalylygy we elýeterliligi taýdan sanly kart birnäçe artykmaçlyklary özünde jemleýär. Mysal üçin, ol çalt onlaýna goýberilýär. Bank kartyny almak üçin onuň taýýarlanmagyna garaşmaly däl. Ol awtomatik ýagdaýda şahsy otaga goýberilýär, ähli maglumatlary bolsa ulgam döredýär we bir görnüşe getirýär. Arzany kompýuter ýa-da smartfonlar arkaly müşderiniň şahsy otagynyň üsti bilen iberip bolýar. Öň hasaba alnan müşderilerden goşmaça resminamalar talap edilmeýär. Bankyň täze müşderileri üçin anketa doldurmak we pasportdaky suraty ýükläp ugratmak ýeterlikdir. Eger ol nagt däl hasaplaşyk üçin karz karty bolsa, bank tölege ukyplylygyň tassyknamasyny sorap, degişli kepilnama üçin müşderiniň iş ýerine ýüz tutup bilýär. Bank wirtual karty goýberende we ol ulanylanda töleg almaýar.

Plastik görnüşinden tapawutlylykda, sanly kartda ony ýitirmek ähtimallygy aradan aýrylýar. Üstesine-de, eýesinden başga hiç kim belgä, CVC-koda (şertli bellikler)we beýleki möhüm maglumatlara girip bilmeýär. Sebäbi ähli maglumatlar şahsy otaga girmek üçin parol (açar sözi) we login bilen goşmaça goragly saklanýar. Sanly kart diňe bir müşderilere edilýän hyzmatlaryň möçberini artdyrmak bilen çäklenmän, olaryň hilini ýokarlandyrmaga we sarp edilýän wagty gysgaltmaga-da mümkinçilik berýär.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» kabul edilmegi ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini, ilatyň abadan durmuşy üçin ygtybarly kanunçylyk-hukuk binýadynyň pugtalandyrylmagyny şertlendirdi. Munuň özi ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işine döwrebap usullary we sanly hyzmatlary ornaşdyrmak, maliýe we karz edaralarynyň iş ugurlaryny sanlylaşdyrmak babatda uly mümkinçilikleri döredýär.

**Kakageldi HÜMMÄÝEW,**
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň prorektory

# BANKYŇ DÖWREBAP HYZMATLARY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek, onuň işjeňligini dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejesine ýetirmek we pul-karz syýasatyny yzygiderli kämilleşdirmek boýunça giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda alnyp barylýan oňyn pul-karz syýasaty netijesinde bank ulgamynda täze sanly bank hyzmatlarynyň dürli görnüşleri ornaşdyrylýar we raýatlarymyza yzygiderli hödürlenilýär.

Adam üçin iň gymmatly zatlaryň biri wagt bolup durýar. Bank ulgamynyň täze sanly hyzmatlaryndan peýdalanyp her bir raýat öz wagtyny tygşytlaýar we banklaryň sanly hyzmatlarynyň giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilýär. Bu öz gezeginde bank ulgamyny kämilleşdirmekde we ösdürmekde amala aşyrylýan işleriň raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmaga gönükdirilendigine şaýatlyk edýär.

Ýurdumyzyň bank ulgamynyň berk binýadyny pugtalandyrmak, ýerine ýetirilýän hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini has-da kämilleşdirmek döwletimiziň ykdysady ösüşiniň aýrylmaz bir bölegidir.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek üçin oba hojalyk önümlerini öndürijilerini maliýe taýdan goldamak, oba hojalygyna döwrebap innowasion tehnologiýalary, usullary ornaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek hem-de ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara eksportyň möçberini artdyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijileriniň hem-de kiçi we orta telekeçileriniň önümçilik maksatly maýa goýum taslamalaryny Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary esasynda merkezleşdirilen serişdeleriň hasabyna ýeňillikli şertlerde hem-de bankyň öz we çekilen serişdeleriniň hasabyna karzlaşdyrmak işleri yzygiderli dowam etdirilip, gerimi has-da giňeldilýär.

Bu bank tarapyndan 2024-nji ýylyň ýanwar-sentýabr aýlarynyň dowamynda döwlet eýeçiligine degişli bölegine 4,1 mlrd. manat, döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk bölegine we raýatlara 3,1 mlrd. manat möçberinde karzlar berildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary esasynda raýatlara şäherlerde, etrap merkezlerinde, şäherçelerde we oba ýerlerinde hususy ýaşaýyş jaýlaryny we dört gatly köp öýli ýaşaýyş jaýlardan öýleri satyn almak üçin uzak möhletli karz serişdeleri goýberilýär. 2024-nji ýylyň ýanwar-sentýabr aýlarynda bu ugur boýunça raýatlara 942,3 mln. manat möçberinde karz serişdeleri berildi.

Bank tarapyndan hödürlenýän «Talyp karzy» bank karzlarynyň ýene bir görnüşi bolup, ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini



kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň okuw töleglerini tölemek üçin nagt däl görnüşinde karz berilýär berilýär. Bu karz ýyllyk 5 göterim bolup, 3 ýyl möhleti bilen 42 müň manat möçberine çenli berilýär. Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky «Talyp karzy» hyzmatyndan peýdalanmak isleýän müşderileriniň ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasy arkaly onlaýn görnüşinde hem kabul edýärler.

Hormatly Prezidentimiziň halkymyza ähli babatda döwlet goldawlaryny bermek baradaky tagallalaryndan ugur alyp, maşgala toý-dabaralaryny geçirmek üçin «Toý karzy» hyzmatyny hem halk köpçüligine hödürleýär. Karzyň bu görnüşi ýyllyk 10 göterim bolup, 3 ýyllyk möhlet bilen 100 müň manada çenli karz serişdesi berilýär. «Toý karzy» hyzmatyndan peýdalanýan raýatlarymyz maşgalalarynyň iň bagtly günlerini göwün isleglerindäki ýaly geçirmäge mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ilatyň erkin pul serişdelerini banka möhletli we talap edilýänçä görnüşli goýumlara çekmek boýunça hem degişli işler alnyp barylýar, diňe 2024-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna şahsy taraplaryň goýumlarynyň jemi 1,2 mlrd. manada deň bolup, olardan möhletli goýumlar boýunça jemi 91,4 mln. manat, goýumyň talap edilýänçä görnüşi boýunça 1,1 mlrd.manada deň boldy.

**Talap edilýänçä we möhletli goýumlara çekilen serişdeleriň 2021-2023-nji ýyllardaky ösüş depgini**

(mln. manatda)







2024-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna bank tarapyndan ornaşdyrlan «Internet-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 410,6 müňe deň bolup, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany bolsa 15,8 müňden geçdi, şeýlelik-de, bu görkezijiler geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende degişlilikde 10,7 göterim we 13,9 göterim artdy. Bu öz gezeginde Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda oňyn netijeleri görkezýändigine şaýatlyk edýär.

«Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynda» bellenen wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, sanly ulgamy ösdürmek, bank hyzmatlarynyň ugurlaryny giňeltmek, elektron tölegleriň görnüşlerini artdyrmak, menzilara bank hyzmatlarynyň ulgamyny kämilleşdirmek boýunça bankymyz tara-

pyndan uly işler alnyp barylýar. Muňa mysal edip Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň fiziki şahslar üçin niýetlenen «Menzilara bank» ulgamy barada belläp geçsek dogry bolar. Bank hyzmatlarynyň bu görnüşi nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine ýardam berýär. Fiziki şahslar üçin niýetlenen «Menzilara bank» ulgamy daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan hem-de ýurdumyzyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi zerur bolan raýatlarymyz üçin milli puly daşary ýurt puluna çalyşmaga, şol sanda halkara «Visa», «MasterCard» kartlarynyň hasaplaryny onlaýn görnüşde doldurmaga mümkinçilik berýär.

Şeýle hem «Menzilara bank» ulgamy ýurdumyzyň islendik künjeginden internete birikdirilen enjam arkaly tölegleri geçirmäge, hasaplaryňyzyň galyndysyny barlamaga, olaryň göçürmesini almaga, karzlaryň, depozitleriň töleg tertibini görmäge, karz serişdelerine gözegçilik etmäge, bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmaga mümkinçilik berýär. Şeýlelik bilen 2024-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna «Menzilara bank» ulgamyna birikdirilen müşderileriň sany 4,3 müňe ýetdi.

2024-nji ýylyň 1-nji oktýabry ýagdaýyna bank tarapyndan ornaşdyrlan bank kartlarynyň sany 2 064,5 müňe deň boldy, şeýle hem, töleg terminallarynyň 8,2 müňe ýetdi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli ykdysadyýeti has-da kuwwatlandyrmak, şol sanda oba hojalyk pudagyny ösdürmek boýunça ägirt uly işler durmuşa geçirilýär. Bu pudagy ykdysadyýetimiziň girdejili pudaklarynyň birine öwürmek we oba ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen amala aşyrylýan özgertmeleriň netijesinde, uly sepgitlere ýetilip, mynasyp zähmet üstünlikleri gazanylýar. Bu pudaga dünýäniň iň kämil tehnikalarynyň, kombaýnlarynyň, suw tygşytlaýjy tehnikalarynyň alnyp berilmegi, kärendeçilerimiziň suw we mineral dökünler, zerur bolan beýleki önümçilik serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün edilmegi, şeýle hem oba hojalyk önüm öndürijilerine döwlet tarapyndan ýeňillikli karzlaryň berilmegi olary goldamak babatda edilýän aladalaryň aýdyň güwäsidir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Bugdaýyň we pagtanyň döwlet satyn alyş bahalaryny ýokarlandyrmak hem-de oba hojalyk önümlerini öndürijileri ykdysady taýdan höweslendirmek hakynda» kararyna laýyklykda, 2024-nji ýylyň hasylyndan başlap, bugdaýyň bir tonnasynyň döwlet satyn alyş bahasynyň 2000 manat möçberinde, nah pagtanyň bir tonnasynyň bahasynyň 5000 manat we ýüpek pagtanyň bir tonnasynyň bahasynyň 6700 manat bellenilmegi, şeýle hem döwlet buýurmasy boýunça ösdürip ýetişdirilýän pagtanyň el bilen ýygylmagy üçin bahany nah pagtanyň bir kilogramyna 1 manat we ýüpek pagtanyň bir kilogramyna 1,20 manat möçberinde bellenilmegi örän guwandyryjydyr.



Şu ýylyň bugdaý hasylynyň hasaplaşyklarynyň guramaçylykly geçirilmegi üçin, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň etrap şahamçalarynda «Türkmengallaönümleri» döwlet birleşiginiň garamagyndaky kärhanalara ýeňillikli karz ugurlary açyldy we önüm öndürijilere hasaplaşyklaryň wagtynda hem-de bökdençsiz geçirilmegi amala aşyrylýar. Bu bolsa gallaçylaryň gaýratly zähmet çekip, bugdaý hasylynyň öz wagtynda ýygnalmagyna uly goldaw berdi. 2024-nji ýylyň bugdaý hasyly üçin gallaçylar bilen hasaplaşyklaryň geçirilmegi we öz wagtynda tölenmegi olaryň halal zähmete bolan höwesini has-da ýokarlandyrýar.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky oba hojalyk pudagynda karzlaşdyrmak boýunça netijeli işleri alyp barýar. Raýatlara melleginde ýagny, şahsy hojalygyny ýöredýän raýatlara goldaw bermek maksady bilen, bellenilen tertipde bölünip berlen melleginde (ýer böleginde) ekerançylygy we maldarçylygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, esasy we dolanyşyk serişdelerini edinmek hem-de iri önümçilikler üçin zerur bolan ýerli çig mallary öndürmeklik üçin 30 müň manat möçberde, ýyllyk 10 göterim bilen esasy bergi boýunça 6 aý ýeňillikli döwri bolan3 ýyla çenli möhletenagt däl görnüşinde kiçi göwrümli karz serişdelerini bermek işi ýola goýuldy.

Mundan başga-da, bank tarapyndan raýatlara karzlaryň we goýumlaryň birnäçe amatly, ygtybarly we elýeterli görnüşlerini hödürleýär. Bank tarapyndan hödürlenýän goýumlaryň arasynda daýhanlarymyzy goldamak maksady bilen, «Galkynan daýhan», «Altyn asyryň daýhany» ýaly goýumlary belläp bileris.

Ýurdumyzda Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek, raýatlaryň hususy başlangyçlary höweslendirmek maksady bilen netijeli işler yzygiderli amala aşyrylýar. Döwlet Baştutanymyzyň tagallalary esasynda telekeçilik üçin amatly hukuk, ykdysady, maliýe we durmuş şertleriniň döredilmeginiň netijesinde hususyýetçi daýhanlar keremli topragymyza yhlas siňdirip, halal zähmetden rysgal-bereket tapýarlar.

Ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan hem importuň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilýän ýerli önümçilikleri goldamak maksady bilen telekeçilere we hususy taraplara önümçilik maksatly karz serişdeleri berilýär. Mysal hökmünde Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan «Ýurdumyzda oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda Ahal welaýatynyň Kaka etrabynda ýerleşýän «Miwe» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň «Hemsaýa» hojalyk jemgyýetiniň önümçilik işini guramak we giňeltmek maksady bilen berlen önümçilik karzlaryny görkezmek bolar. «Miwe» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň düzümine «Gök bulut», «Hemsaýa», «Miweli atyz», «Datly miwe» hojalyk jemgyýetleri girýär. Paýdarlar jemgyýetine Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň çäginde döwlet tarapyndan 1 200 gektar ýer bölegi bölünip berlip, ol ýerde miweli baglar ösdürilip ýetişdirilýär. Bölünip berlen ýer böleginde ekilen miweli baglardan şetdaly, alma, hurma we armyt ýaly ynsan saglygy üçin peýdaly miweleriň bol hasylyny ýygnaýarlar.




«Hemsaýa» hojalyk jemgyýetinde banan

önümçiligi hem ýola goýuldy. Ýagny, bankyň bu hojalyga beren karz serişdeleri esasynda ol ýerde ýyladyşhana gurlup ýokarda agzalan gök önümlerden başga-da banan önümçiligi ýola goýulyp eýýäm banan ýetişdirilip ýurdumyzyň ak bazarlarynda gök-bakja önüm bolçulygyny döretdi. Ildeşlerimiziň nazy-nygmatly saçaklarynda ýurdumyzda öndürilen ýokary hilli miwe we gök-bakja önümleriniň bolçulygynyň üpjün edilmegi daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan hem-de eksport ugurly önümleri öndürmek boýunça meseleleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär. Şu ýyl paýdarlar jemgyýetiniň ýerlerinde ýetişdirilen alma hasylynyň bir tapgyrynyň Gazagystan döwletine eksport edilip, goňşy döwletde ýokary baha mynasyp görlendigini hem bellemek gerek.

Bu işlerde geljekde hem ýurdumyzyň telekeçileriniň döwlet tarapyndan yzygider goldanylmagy şeýle hem ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan maliýeleşdirilmegi netijesinde has hem gülläp öser. Netijede halkymyzyň ekologiýa taýdan arassa gök önümler bilen üpjün ediler, şeýle hem öndürilen önümler geljekde daşary ýurtlara eksport etmäge mümkinçilik döreder.

Bize şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi ösüşleriň belent derejelerine alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleriniň elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Altyn DURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň
Ykdysady seljerme we maliýe müdirliginiň
Ykdysady seljerme we çaklaýyş bölüminiň baş hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

### 2024-nji ýylyň 1-nji noýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 ноября 2024 г.

